# Tereddut -11 / dowamy

Category: Edebi makalalar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Tereddut -11 / dowamy

*TEREDDUT*

**Bäş wagt namaz parzdyr. Käbir ülkelerde bolsa alty aý gije, alty aý hem gündiz bolýar. Şol ýerlerde namaz nähili okalmaly?**

Bu soragy soraýanlaryň hakykatda öwrenmek niýetleriniň bardygyny ýa-da ýokdygyny bilmeýäris. Çünki şu wagta çenli bu sorag elmydam yslamyýetiň tutuş ýer ýüzüne degişli dindigini inkär eden bet niýetliler tarapyndan berilýär. Muny aýtmak bilen, siz yslamyýeti tutuş ýer ýüzüniň dini hasaplaýarsyňyz, emma alty aý gije we alty aý gündiz bolan ýerlerde namaz okap, oraza tutup ýaşamak mümkinmi?
Ilki başda şuny aýdaýyn, dünýäde hiç bir nyzam, hatda bu nyzam diňe ykdysady bir nyzam bolsa-da, asla yslamyň ýeten tutuş ýer ýüzüne ýaýramak derejesine ýetip bilmez. Ine, şu günki günümizdäki müň kemçilikli nyzamlar bar, ynsanyň olara nyzam diýmäge dili hem barmaýar. Hatda bularyň arasynda heniz diňe nazarýet halynda ýaşap ugranlary bar, birnäçe synag-derňemelerden geçenlerem bar… Meselem, Marksyň ykdysady nyzamy Engels bilen birlikde birnäçe gezek gözden geçirilip düzedilendigine garamazdan, biri-biriniň yzy bilen gelen internasionallarda käbir ýerleri täzeden işlenilipdir, düzedişler geçirilipdir we her gezeginde olara başga bir häsiýetler berlipdir.
Bu husus biziň günlerimizdäki her bir ykdysady nyzamda bolşy ýaly, ähli döwürlerde we dürli-dürli nyzamlarda-da ýygy-ýygy göze ilen tebigy ýetmezçilik we ynasanlyga degişli kemçilikdir.
Ýeri gelende şuny hem aýratyn bellemek isleýärin, men beýle deňeşdirmeler bilen işi bassyr-ýussur edip ýüzleý almak niýetinde däl. Şeýle hem garşydaşlarymyzyň ýörelgesi we

häsiýeti dialektik bolanlygy sebäpli biziň hem wagtlaýynça pese gaçyş we çaga äheňine girmegimize sebäp bolýar…
Ikinjiden, dünýäniň ilatynyň näçeden-näçesi bular ýaly ýerlerde ýaşaýar. Olaryň bu özboluşly ýagdaýlary sebäpli ýeriň ýüzüne şeýle giň ýaýran din tankytlanylýar. Hawa, ol buzluk we garaňkylyk diýarda ýaşaýanlar adamzadyň näçeden näçesikä? Belki milliondan birem däldir. Beýle bolsa dünýäniň çar künjegini we birgiden ynsanlary bir ýana goýup bäş-üç sany başga medeniýetden bolan biçäreleriň ýagdaýlaryny delil ýaly görkezip şübhe döretmäge çalyşmak, dogrulyk we ylmylyk bilen hiç wagt bir ýere sygyşjak zat däldir.
Üçünjiden, dünýäniň şol künjeklerinde musulman ýaşaýarmyka, musulmanlaryň namaz meselesi dert edilýär-de, şol ýerdäkileriň nädip namaz okajaklary soralýar? Eger bir gün adamzat buzluklara ýerleşenden soňra, olardan käbirleri ybadat-u tagaty öwrenmäge gelseler, ine şonda bu soragyň berilmeginiň manysy boljak. Ýogsa häzirki wagtda bu soragy biz arassa köňüllere şübhe atmak diýip kabul edýäris. Materialistler bilen gürleşeňde göwne makul däl dil we dialektika tapýarlar. Allah bagyşlasyn!
Indi bolsa bu barada yslamda nämeleriň aýdylyp-aýdylmandygy barada gysgaça durup geçeliň. Şuny anyk bilmeli, hiç bir nokatda gümürtiklik goýmadyk yslam bu meseläni hem açyp görkezmegi ahmal eden däldir. Hawa, bu husus bir waka sebäpli yslamyň ilkinji döwürlerinde düşündirilip geçilipdir. Ymam Buhariniň «Sahyhynda» we Ahmet bin Hanbeliň «Müsnedinde» Serwerimiz bilen sahabasynyň arasynda şeýle mazmunda bir gürrüňdeşligiň bolandygyny görýäris. Pygamberimiz: «Dinden ýüz öwrülen wagty Deçjal çykar», başga bir rowaýatda bolsa: «Ol demirgazyk-gündogardan dörär we kyrk günde ýer ýüzüni o başdan bu başa aýlanyp çykar. Onuň bir güni siziň bir ýylyňyzdyr… we bir güni bardyr bir aýyňyz, ýene bir güni bardyr bir hepdäňiz, galan günleri bolsa siziň günleriňiz ýalydyr» buýurýar. Sahabasy soraýar: «Uzynlygy bir ýyla deň bolan ol günde bir günlük namaz ýeterlik bolarmy?» Serwerimiz jogap berýär: «Ýok, bellärsiňiz we hasap edersiňiz». Ýagny, gije-gündizden düzülen aýlary we hepdeleri ýigrimi dört

sagatlyk gije-gündize bölersiňiz we ybadatyňyzy şoňa görä amal edersiňiz.
Mesele fykh alymlary tarapyndan derňelende her dürli ýalňyş düşünmelere ýer galmaz ýaly çözülipdir. Mysal üçin, Ymam Şafygynyň «El Umm» kitabyndan bu mezhebe degişli «Menhej» diýen kitaba çenli we hanafileriň gadym kitaplaryndan «Tahtawynyň» haşiýesine çenli bu meseläniň üstünde giňişleýin durlup geçilýär we her kesiň düşünjek meselesi halyna getirilendir.
Bu mesele wagtlaryň namaza sebäp bolmagyndan söz açylyp ele alynýar we düşündirilýär. Biz bu meselede diňe berlen soraga degişli ýerlerine degip geçmekçidiris.
Wagtlar namazyň sebäpleridir. Wagty girýänçä namazam parz däldir. Meselem, bir ýerde ýassynyň wagty gelmese ýassy namazy hem parz bolmaz. Emma, bu ýagdaý günüň wagtynyň anyk belli bolmadyk ýerleri üçindir. Ýogsa Deçjal bilen baglanyşykly düşündirilişi ýaly ýylyň uly böleginiň gije ýa-da gündiz bolan ýerlerinde, ol uzyn gündizi ýa gijäni gije-gündiziň hasabyna görä bölüp hasaplamak bilen namaz borjumyzy ýerine ýetireris. Ýagny, ol ýere iň ýakyn ülkäniň wagtlaryny ulanyp, bar bolan gije we gündizi belli bölümlere bölüşdirip gije böleginde gijeki ybadatlary, gündizki böleginde-de gündizki ybadatlary berjaý ederis. Edil iýmek, içmek, ýatmak we turmakda tebigy we kanuna laýyklygy saklap böleklere bölüşimiz ýaly…
Hawa, birnäçe aýlap Günüň ýaşmaýan ýa-da dogmaýan ýerlerinde tebigy kanuna laýyklyga nähili boýun bolýan bolsak onda oraza, namaz we haç ýaly ybadatlarda-da ýaşaýan durmuşymyza deň getirip, şonuň bilen sazlaşykly hereket etmäge mejburdyrys.
Netijede, yslam bu hususy hem asla ahmal etmändir, şeýle ülkelere iň ýakyn ýurtlardan bäş wagt namazyň okaljak ýerine degişli wagt sanawyny düzüp ulanmak ýörelgesini getiripdir diýip aýdyp bileris.
Bu ýerde ýene bir meseläniň ele alnymagy dogry boljak. Ol hem wagtyň girmedik ýerinde namazyň okalmajakdygy baradaky meseledir. Hawa hakykatdan-da wagtlar namazlara sebäp hökmünde görkezilse-de, namazyň hakyky sebäbi Allahyň emridir. Bu esasda wagtyň belli bolmadyk ýerlerden başga bir wagt

içinde ol namazyň kaza edilmesi yhtyýat taýdan has muwafykdyr. Işiň dogrusyny Ol biler.

**Adam ata we How eneden dünýä inen çagalar şol döwürde biri-birlerine öýlenenem bolsalar, indi näme üçin bu gadagan edilipdir?**

Bu sowalyň hem-de muňa meňzeş soraglaryň belli-belli toparlar, guramalar tarapyndan ýörite taýýarlanylyp, ýaşlaryň arasyna ýaýradylýandygyna gynansak-da häli-şindi şeýle soraglara duş gelýäris. Ilki bilen, şu we şuňa meňzeş sowallary orta atanlaryň ak ýürekli adamlardygyna ynanmak gaty kyn. Bu sowalyň arkasyndan aýtmakçy bolynýan zatlar biraz dykgat edilse düşüniljek derejede açyk we aýandyr. Bular ýaly soraglary tapmak bilen olaryň esasy maksatlaryndan biri, belki-de birinjisi diniň esaslarynda bir topar gapma-garşylyklar bar diýen düşünjäni oýarmakdyr.
Muňa meňzeş soraglaryň ählisinde elmydam pitençi düzgünleriň ters belgileri bardyr. Allah gorasyn!.. «Allah ýokdur. Din bir tiryýekdir. Mukaddesler bir gadaganlyklar we imperializmiň ekspluatirleýiji guraly… Maşgala we ondaky haram we halal araçäkleri ýer ýüzündäki hakykatlara gapma-garşy we belli bir döwrüň ezijilik etmek ýollary… we ş.m.» Perdäniň syrylmagy bilen orta çykan bu zatlar, dogrusy, endamyňy tikenekledýär. «Olaryň pikirine görä: Biri-birine gapma-garşy emrler bilen bu güne çenli dowam edip gelýän din, indi ylym we pelsepäniň ýeten derejeleriniň öňünde talap edijiligini ýitiripdir. Beýle bolsa kakabaş we serhoş akylymyza gelen her zady edibermelidiris. Uýaňa, ýeňňeňe we daýzaňa öýlenmegem bolup biler»…
Ine, ýazyksyz ýaly görünen sowalyň arkasyndaky endamyňy tikenekledijі ahlaksyz garaýyşlar we ýigrenji meýiller! Ine «pozitiwizmi» we «Rasionalizmi» galkan edinip ýaş nesillerimiziň azaşdyrylşy!..
Jemgyýetimiziň belli bir toparynda diniň we nesliň sagdynlygyna degişli ýörelgeleri ýok etmegi maksat edinen bular ýaly soraglary tapýanlara seredenimizde «Bu-da olaryň

ýalňyş pikirlerinden biri, dogrular bolsa olaryň içi kitüwli soraglarynyň tersidigine görä, bunuň beýle bolmagy iň dogusydyr» diýmek anyk jogap boljakdyr. Emma biz ýene bir-iki sözlem bilen munuň üstünde durup şulary aýtmak isleýäris.

1. Ilki bilen bu bir dini mesele bolmak bilen birlikde diniň esasy däl meselelerindendir. Dine ynanmaýanyň, şeýle hem diniň esaslaryny kabul etmeýäniň bular ýaly zatlary gorjalamaga asla haky ýokdur.

2. Din emir we gadaganlyklary bilen ynanlar üçin çäklendirijidigi hakynda hiç kimiň şübhesi ýokdur. Şonuň üçin inkärçiler beýle meselelere goşulmasalar has gowy bolardy. Şeýle hem inkärçiler kakabaş, serhoş, islänlerini edip ýaşýandyklaryna garamazdan, ynaçly ynsanlaryň hiç biri olaryň bulaşyk, pes ýaşaýyşyna goşulmaýar. Çünki amal we hereketlerindäki azgynlyklar we azaşmalar diňe we diňe düşünjäniň, garaýyşyň we ygtykadyň bozuklygyndan döreýär. Bulary dogry ýola gönükdirmezden olaryň hal-hereketlerini düzetmäge yhlas etmek netijesizdir.

3. Bu mesele diniň esaslaryna degişli däl meseledir. Bular ýaly meselelerde adamzadyň ösüşi bilen parallel gidip kämilleşmek manysynda özgerişler her döwürde bolupdyr. Şu wagtky boýun egýän emirlerimiz we gadaganlyklarymyz o döwrüň emr we gadaganlyklaryndan tapawutsyzdyr. Bu hususda möhüm bolan Emir edijiniň emridir. Ol düýn bir eneden ekiz bolup dünýä inenleriň biri-birine öýlenmegini gadagan eder, bu gün bolsa ata-ene baglanşygy jähdinden täze gadaganlyklary goýar we «bu gatnaşyk haramdyr» diýer. Bu misli bir çaganyň ösüp kemala gelýän döwründe durmuşa degişli kanunlaryň, ýagny iýmitiniň, içgisiniň, geýimleriniň wagty gelende üýtgeýşi, hatda onuň ýaşyna görä dilini tapmak ýaly… hemişe ösüşde bolan adamzat ýaşaýşynda-da edil şolar ýaly zatlar bolup geçipdir. Çaga ideginde ulalşyna, düşünjesine görä bolunmagy kiçijiklik, hatda bilimsizlik däl-de, tersine bir beýiklik we bilimlilikden nyşan bolmaýarmy näme?! Edil şonuň ýaly düýnden bu güne kämilleşen, ösen adamzadyň her döwrüne görä kanun bellemek hikmetdir we hakyky bolmalysydyr.

4. Bu meseläniň sowalda aýdylyşy ýaly bolup geçmesi, biziň

ynanýan çeşmelerimizde ýokdur. Ysraýylyýatdan geçen bolmagy mümkin. Diňe Kuranyň aýatlaryna esaslanyp, şejere zynjyrymyzy Adam ata (a.s.) we onuň ýanýoldaşyna baglaýandygymyz üçin bu ýagdaýy kabul etmäge özümizi mejbur edýäris. Meseläniň aslyny yzarlaman, sowalda getirilşi ýaly kabul edilen ýagdaýynda adamogluna maslahatlara boýun egmek dersini bermek babatda wagtlaýyn rugsat berilipdir, soňra bolsa gadagan edilip, wagtyň geçmegi bilen muňa meňzeş hökümleriň üýtgedilip bilinjekdigi ýatladylýar.

5. Wagtlaýyn rugsat edilen şeýle höküm ýüzlenilýänleriň tapawutlydygy sebäpli aýratyn görnüşe eýe bolýar. Hawa, Adam atanyň çagalarynyň ýetişen ojagy, gökden gelen emrler bilen mydama nurly we maşgala agzalarynyň bolsa wyždanlary elmydam oýa bolan bir içeri elbetde başgalardan örän tapawutlydyr.

Ýer ýüzünde ilkinji ynsan bolmak täzeligi, edilen kiçijik günäniň uly jezasynyň köňüllerde sarsgyn emele getiren gorkynyň dowam etmegi we goýberen ýalňyşy sebäpli jennetden daşlaşdyrylan ata-enäniň gynançdan doly köňli bilen, başyny tutan maşgalalarynda mubahlar hem endişe beriji we hopukdyryjydyr. Beýle bir maşgalada biri-biri bilen nikalaşjak kimseler ýanaşyk dursalaram agzy orazaly ynsan ýaly permanlary çykýança biri beýlekisine gyýa bakmakdan saklanar. Beýle maşgalada kalplaryň çigligi wahyýnyň ýyldyrym çakan ýaly aýatlary bilen düzediler. Beýle içerde ähli araçäkler ýok edilse-de, ynsanlar wyždanlaryýň ýol bermeýän çäklerini aşyp bilmezler, aşmazlaram.

Emma biziň döwrümizdäki maşgalalarda ýokarda aýdylan manylaryň we saklaýjy hususlaryň hiç biriniň ýoklugy sebäpli çäklere uýulmaýar. Belki-de has irki ýaşlarda edilen gelşiksiz hereket ömür boýy utandyrjak ahwalda dowam eder. Şeýlelik bilenem içeri üçin zerur bolan rahatlyk, ygtybarlylyk ýitiriler we ol içeri indi içýan içersine öwrüler.

Indi, ýene bir gezek oýlanyp görüň! Uýasy, ýeňňesi, doganynyň çagasy babatda ýaramaz duýgulara özüni aldyran ahlaksyz toparyň bolýan öýünde rahat oturyp bolarmy? Olar ýaly öýde her kim gözüne ýaran zada eýe bolmak üçin erbet pikirleri etjek, hatda öz dogany bilen jetleşige girjek… Belki-de edil şeýle

düşünje bilen Hezreti Adamyň (a.s.) çagalarynyň arasyndaky jeneýatlara baş goşuljak we oňşuksyzlyklar dowam edip gitjek. Diýmek goraýjy düzgün-kadalar, wyždanlary oýarýan sebäpler bar bolan wagty şol düzgünler erbetlik üçin peýdalanmasa-da, oýaryjy güýçleriň aradan aýrylmagy, saklaýjy ruhuň içerden ýitip gitmegi bilen her dürli hyýanatlara gapylar açylyp bilner.
Erbet zatlary suratlandyryp aýtmazlyk üçin eşidenlerimi we görenlerimi jikme-jik beýan etmek islemeýärin. Ýogsa maşgaladaky ahmal etmeleriň netijesinde ynsany ynsanlygyndan utandyrjak şeýle hadysalar dowam edip gidip otyr, olary eşidip üýşenmezlik mümkin däl.
Ýene bir meseläni jemleýärkäk şuny aýdyp bileris. Ýaşaýyş jaýlarynyň diwarlarynda «Ýere düşüň, käbiriňiz käbirleriňize duşman bolup» (Bakara, 36) sesiniň tolkunlary duýlan bir içeri, içindäki gorky, hormat, bedeniňi düýrükdiriji we kalbyňy sarsdyryjy endişeler bilen döwrümiziň içerilerine meňzemeýişi ýaly, şol içerä degişli wagtlaýyn hökümler, elbetde, häzirki günümiziň maşgalalaryna degişli hökümlere meňzemez.
Galyberse-de, bu görnüşde dowam edýän wakalaryň sany barada anyk bir zatlar aýtmagam çetin. Belki beýle waka bir ýa iki gezek bolup geçendir.
6. Nikanyň, öýlenmegiň netije beren hikmetlerinden biri hem baýlygyň dargamagynyň we keseki ellere geçmeginiň öňüni almakdyr. Emma, ol döwürde ähli ynsanlar Hezreti Adamyň çagalary bolansoň we ýer ýüzi başdan-aýaga olaryň ygtyýaryna berlendigi üçin ne-hä ähli malyň bir ele jemlenmegi ne-de elden ele geçmegi, ne bir ýere toplanmagy ne-de dargadylmagy asla ýüze çykyp biljek mesele däldi. Şu günki günümizde bolsa, jemgyýetçilik durmuşymyzyň gurluşy uly tapawutlyklary döredýär…
Şuny hem aýdyp geçmek gerek, ýagny dürli usullar bilen baýlyk paýlaşylsa-da, bu meselede aýratyn hökümiň esaslandyrylmagy asla göz öňünde tutulan däldir. Bu meselede aýdylan we aýdyljak ýeke-täk söz, şübhesiz hikmet sahybynyň hikmetli beýanyndan ybaratdyr. Hak Tagala Adam ata we How

enäni ýaradypdyr, soňra olaryň zürýatlarynyň özara nikalaşmagyndan başga ýol döredip bilmezmidi?
Zat-y Uluhiýete garşy beýle sorag, hem nadanlyk, hem biedeplikdir.
Allah (j.j.) bir Adam (a.s.) we bir How enäni ýaradyşy ýaly, ikinji bir Adam ata bilen How enäni hem ýaradyp biler. Hem şu wagt, hem geçmiş döwürlerde, müňlerçe we ýüz müňlerçe älemleri ýaradan Allaha (j.j.), ikinji bir Adam ata bilen How enäni ýaratmak, hiç haçan agyr düşmez. Emma, hikmeti şeýle zerurlygy talap edendigi üçin şeýle-de etdi.
Allah ýogsa-da biziň çäkli we bozuk gözellik ölçeglerimize, çyzgylarymyza görä däl, Öz hikmetine görä ýaradar. Biz älemdäki gözellikleri we betnyşanlyklary Onuň emr we gadaganlyklarynyň prizmasyndan geçirmek arkaly gözellik we betnyşanlyk aň-düşünjesine ýetip bildik. Onuň her emrini tutaryk edinip, närseleri we hadysalary düşündirmäge synanyşdyk. Her höküminiň bir üýtgewsiz kanundygyna göz ýetirip bilşimizçe, esaslandyran ýörgelerimize daýanyp dogra ýetip bildik.
Ol tutuş adamzady Hezreti Adamyň (a.s.) we How enäniň köküne baglady. Biz hem şeýle bolmagyny iň gözeli diýip kabul etdik. Galyberse-de, ynsanlaryň özara birikdirýän şeýle kök bilen baglanşygy has güýçlüdir.
Maddy taýdan bu wahdet (birlik) ruhlardaky birligiň tohumyny göterýär. Edil bir agajyň köküne we şänigine aralaşdygyňça birligiň belli bolşy ýaly, has ileri gidilse her zadyň «Adam» wahdetiniň içinde saklanýandygy görüler. Bu garaýyşda agaç erkek hem tişini bütewi halda jemleýär. Tohumlandyrýanam oldyr, tohumlanýanam. Biri-birinden uzaklaşyp erkeklik-tişilik orta çykan ýagdaýynda olaryň tohumlanmak we tohumlandyrmak ýagdaýy başgaça bolar.
Ynsan hökmünde herkim bolsa-da, onuň adamzat kowmuna degişlidigine bolan duýgymyzy Adam (a.s.) atanyň we How enäniň wahdeti bilen Ýaradanyň kalbymyza guýan söýgisinde we ynsanlykda görýäris. Düýnki hökümiň bu gün üýtgemegi bolsa hökümleriniň garşysynda iki büklüm boldugymyz Gudraty Güýçliniň hikmetine, hikmetiniň içindäki kökden uzaklaşmaga we

adamzat şejeresiniň zynjyry içinde bolmagymyza, erkegi bilen, aýaly bilen ynsanlygyň özüne degişli manylaryna hem eýe bolmagymyza eltýär. «Her işiň bir hikmeti bardyr, hebes işi işlemez Allah» diýýäris.

Edebi makalalar